***12-nji dekabrda Aşgabatda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Halkara Bitaraplyk güni we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara forum geçirildi. Oňa dünýä döwletleriniň, halkara we sebit guramalarynyň ýokary derejeli wekiliýetleri gatnaşdylar.***

Forum Türkmenistanyň Maslahatlar merkezinde guraldy. Bu ýerde hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda bilelikde resmi surata düşmek dabarasy boldy. Soňra döwlet Baştutanymyzyň gatnaşmagynda halkara forumyň açylyş dabarasy hem-de «Parahatçylyk we ynanyşmak: durnukly geljegiň bähbidine maksatlaryň bitewüligi» atly plenar mejlis geçirildi.

Forumda Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin, Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan, Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýan, Yrak Respublikasynyň Prezidenti Abdul Latif Raşid, San-Tome we Prinsipi Demokratik Respublikasynyň Prezidenti Karlos Manuel Wila Nowa, şeýle hem Pakistanyň Premýer-ministri Muhammad Şahbaz Şarif, Gruziýanyň Premýer-ministri Irakliý Kobahidze, Azerbaýjan Respublikasynyň Premýer-ministri Ali Asadow, Eswatini Patyşalygynyň Premýer-ministri Rassel Dlamini, Mýanma Bileleşigi Respublikasynyň Premýer-ministri Nýo So çykyş etdiler.

Ýokary derejeli wekiller Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ähli ýurtlar we halklar bilen açyk, dostlukly gatnaşyklary ösdürmekdäki ähmiýetini belläp, Türkmenistanyň bu ugry saýlap alyp, parahatçylyk medeniýetini nusgalyk häsiýete öwürýändigini aýtdylar.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 03.01.2026